# Trampy nämüçin öldürmek isleýärler?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Trampy nämüçin öldürmek isleýärler? TRAMPY NÄMÜÇIN ÖLDÜRMEK ISLEÝÄRLER?




Daşary syýasat söhbetleriniñ şu günki bölüminde amerikan prezidentligine kandidaturasyny goýan Trampa garşy bolup geçen teraktyñ üstünde durup geçmäge synanyşalyñ.
Bu terakt bilen baglanyşykly mundan öñki eden çykyşlarymda birnäçe gezek şeýle teraktyñ bolup geçme ähtimallygynyñ güýçlüdigini aýdypdym.
Eýse nämüçin aslynda bular ýaly terakta synanyşyldy diýýän

bolsañyz, birinji bilen şulary aýtmak mümkin.
Iş başyndaky prezidentleriñ öldürilýän ýurdunyñ gürrüñini edýäris. Häzire çenli şläp ýören prezidentlere garşy köp sanly terakt synanyşyklary bolup geçipdir.
Bularyñ käbirleri ýaraly, käbirleri-de ýaralanman aman sypypdyr. Emma azyndan dört prezident iş başyndaka öldürilipdir.
Bularyñ iñ ýakyny biziñ bilýän taryhy şahsyýetlerimiz bolan Awraam Linkoln 1865-nji ýylda Graždanlyk urşunyñ gutaran döwründe, beýlekisi-de 1963-nji ýylda Jon Kennedidir.
Şindi bu gezekki terakta synanyşyk nämäniñ alamatydy?
Bu ýönekeý bir waka däl elbetde. Prezidentlige kandidaturasyny goýan we üstün çykjagy görnüp duran kandidatyñ janyna kast edilmäge synanyşylýar.
Bu ýöne bir oýunmydy? Trampyñ özi gurnadymy? Mümkin däl!
Harby hünärmenleriñ berýän maglumatlaryna görä, ulanylan ýarag amerikan goşunynda pyýada motoatyjy esgeriñ ulanýan ýaraglarynyñ görnüşinden eken. Hem netijede ok Trampyñ gulagyny böwsüp, gyltyz geçýär. Emma bärde Trampyñ ölmezligi, diri galmagy ähli senarileri çepbesine çöwürýär.
Eýse Trampy nämüçin öldürmek isläp bilerler?
Tramp ABŞ-da soñky onýyllyklarsa agalyk sürüji elitanyñ etjek bolýan zatlarynyñ barsyny ýykjakdygyny aýdýar. Öz sözi bilen aýdanda, ol «amerikan gizlin döwletini» ýok etmek isleýär.
Bu amerikan gizlin döwletiniñ amerikanlaryñ bähbidini aramaýandygyny, ABŞ-nyñ ykdysady we söwda bähbitlerini harap edendigini, amerikan halkyny işsizlige gark edendigini aýdýar.

Dr. Hasan ÜNAL,
Başkent uniwersitetiniñ syýasaty öwreniş we halkara gatnaşyklar bölüminiñ mugallymy, professor.

@hasanunal1920

Ýekşenbe, 15.07.2024 ý. Publisistika